Internet sahyp üçin düzedip taýýarlan ; Timur Kor

# 3. Geçilenleri gaỳtalanıak

**96-njy gönükme.** Aşakdaky atlary menlik ýöňkemesíniň birligi we köplügi bilen üýtgedip, depderiňize ýazyň.

**Galam, kelem, guty, öý, don, geçi, depder**.

Nusga:

| **Birligi:** | **Köplügi:** |
|---|---|
| *Galamym.* | *Galamymyz.* |
| *Gutym.* | *Gutymyz.* |

**97-njy gönükme.** Aşakdaky sözlemleri okaň. Onluk ýöňkemede gelen sözleriň aşagyny çyzyň.

Aşgabat örän owadan şäher. Bu şäherde gözel ymaratlaryň birnäçesi bar.

Olar Garaşsyzlyk seýilgähi, Bitaraplyk derwezesi, Türkmenbaşynyň "Ruhyýet" köşgi, "Ene mähri" ýadygärligi we başga-da ençeme binalardyr. Çagalar bulary görmäge geldiler.

* * *

**98-njy gönükme.** Şygry labyzly okaň we ýöňkeme goşulmasyny kabul eden atlary aýdyp beriň.

## Ös, gowaçam

Giň meýdana bezeg berip.

Ös, gowaçam, ös gowaçam.

Gollaryňy her ýan gerip,

Ös, gowaçam, ös gowaçam.

Gyş ýerine dökün dökýän,

BEISPIEL

Mandy goýman sürüp çykýän.

Ýazda timar berip ekýän,

Ös, gowaçam, ös gowaçam.

Ýaşyl kürte seň eşigin,

Duwmeleriň ýarasygyň.

Bal arysy hem aşygyn ,

Ös, gowaçam, ös gowaçam.

Siňdi saňa köp zähmetim,

Hyzmatyňda "polát atym",

Halkym görýär rähnetiň,

Ös, gowaçam, ös, gowaçam.

*A. Annamyradow.*

*Mandy, rähnet* sözleriniň manysyny sözlükden öwreniň.

* * *

**99-njy gönükme.** Hekaýajygy okaň. Has gara ýazylan sözleriň haýsy ýöňkemede digini we olara ýoňkemaniň şol gosulmasynyň gosulmagynyň sebäbini aýdyp beriň.

## Watany soýuň!

Çagalar, biziň **Türkmenistanymyz** Garaşsyz, Bitarap döwletdir. Siz şol Garaşsyz, Bitarap döwletiň ýaş nesillerisiňiz. **Atalarymyz** garaşsyzlygy arzuw edipdirler.

Şolaryň eden arzuwyna biz ýetdik. Biz **Watanymyzy** tüýs ýürekden söýmeli. Watanyň her bir tabşyrygyny artygy bilen ýerine ýetirmeli. Her bir ýumşuny doly berjaý etmäge taýýar bolmaly. Munuň üçin bolsa siz gowy okamaly.

*Berjaý etmek* diýen aňlatmanyň manysyny sözlükden öwreniň.

BEISPIEL

**100-njy gönükme.** Sözlemleri göçüreniňizde menlik ýöňkemedäki atlaryň asyl sözi bilen ýöňkeme  goşulmasynyň arasyna kese çyzyjak goýup ýazyň.

1. Mähriban Prezidentimiz halkymyza bagtly we eşretli durmuş berdi. Halkymyz onuň saýasynda erkin ýaşaýar

2. Biziň öten agşamky gören kinomyz örän gyzykly eken.

3. Atam bize erteki aýdyp berdi.

* * *

**101-njy gönükme.** *Tokly, guzy, keçe, kitap, sagat* sözlerini ýöňkemeleriň birligi we köplügi bilen üýtgedip, depderiňize ýazyň.

Nusga:

| **Birligi:** | **Köplügi:** |
|---|---|
| *Sagadym.* | *Sagadymyz..* |
| *Sagadyň* | *Sagadyňyz.* |
| *Sagady.* | *Sagady.* |

**102-njy gönükme.** Nokatlaryň deregine degişli ýönkeme goşulmalaryny ýazyp göçüriň.

| | |
|---|---|
| Meniň guş.... | Biziň guş.... |
| Seniň guş.... | Siziň guş.... |
| Onuň guş.... | Olaryň guş.... |
| Meniň göz.... | Biziň göz.... |
| Seniň göz.... | Siziň göz.... |
| Onuň göz.... | Olaryň göz.... |
| Meniň saç.... | Biziň saç..... |
| Seniň saç..... | Siziň saç..... |
| Onuň saç.... | Olaryň saç.... |

BEISPIEL

**103-njy gönükme.** *Orak, çigit, agaç, jorap, kitap* sözlerini ýöňkemeleriň birligi we köplügi bilen üýtgedip, depderiňize ýazyň.

Nusga:

| **Birligi:** | **Köplügi:** |
|---|---|
| *Jorabym.* | *Jorabymyz.* |
| *Jorabyň.* | *Jorabyňyz.* |
| *Joraby.* | *Joraby.* |

* * *

**104-njy gönükme.** *Göz* sözüni menlik, senlik ýönkemeleriniň birliginde we köplüginde, *howly, süri* sözleriňi onluk ýönkemede getiriň. Bularyň hersine degişli bir sözlem düzüp, depderiňize ýazyň.

Nusga: *göz-gözüm, ... Öz gözüm bilen gördüm. Gözümiz bilen görenimiz hak.*

BEISPIEL